Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2019-njy ýylyň 16-njy sentýabrynda çykaran 249 belgili
**B U Ý R U G Y**

140.030.020
010.150.010

## Jemagat-durmuş maksatly desgalar üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryny tassyklamak barada

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy, 2019 ý., № 4, 65-nji sahypa)

Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksini, «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 15-nji we 44-nji maddalaryny hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Jemagat-durmuş maksatly desgalar üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryny tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.
3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy A.Gylyjowa tabşyrmaly.

**Ministr** **N. Amannepesow**

*Ylalaşyldy:*

*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri* *S.Selimow*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*

*Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministri* *D.Gulgeldiýew*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*

*“Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugynyň başlygy* *M.Hojagulyýew*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*

*Aşgabat şäheriniň häkimi* *Ş.Durdylyýew*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*

*Balkan welaýatynyň häkimi* *Ýa.Gylyjow*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*

*Lebap welaýatynyň häkimi* *T.Atahallyýew*

*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*
*Ahal welaýatynyň häkimi* *S.Berdimuhamedow*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*
*Daşoguz welaýatynyň häkimi* *N.Nazarmyradow*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*
*Mary welaýatynyň häkimi* *D.Annaberdiýew*
*2019-njy ýylyň 16-njy sentýabry*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2019-njy ýylyň 16-njy sentýabrynda
çykaran 249 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Jemagat-durmuş maksatly desgalar üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalar

### I bap.Umumy düzgünler

1. Şu Jemagat-durmuş maksatly desgalar üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalar (mundan beýläk - Sanitariýa kadalar) Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksiniň 54-nji maddasyna, «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

Şu Sanitariýa kadalar jemagat-durmuş maksatly desgalaryň taslamalaşdyrylmagyna, ýerleşdirilmegine, suw üpjünçiligine, suwunyň sowulmagyna, (akdyrylýan suwy sowujy ulgamlar) ýagtylandyrylmagyna, şemalladylmagyna, otaglarynyň saklanylyşyna we enjamlaşdyrylyşyna bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary kesgitleýär.

2. Şu Sanitariýa kadalar taslamalaşdyrylýan, gurulýan, durky täzelenýän we hereket edýän jemagat-durmuş maksatly desgalara degişlidir hem-de eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan hökman berjaý edilmelidir.

3. Şu Sanitariýa kadalaryň maksatlarynda aşakdaky adalgalar we düşünjeler ulanylýar:

1) awtoulag ýollaryndaky hajathanalar – ýollarda aýratynlykda duran, ýollaryň ýakasynda ýerleşip awtoulaglara ýangyç guýýan beketlerde, serwis merkezlerinde, dükanlarda, iýmit kärhanalarynda, ýoluň ýanyndaky myhmanhanalarda oturdylan ýa-da gurnalan hajathanalar;

2) hostel – ýerleşdirmek, çäklendirilen sanawdaky hyzmatlary berjaý etmek, wagtlaýyn ýaşamak üçin niýetlenen, dürli göwrümli nomerleri ýa-da otaglary hem-de kada bolşy ýaly, nomerleriň ýa-da otaglaryň çäginiň daşynda, binanyň içinde hajathanalary bolan desga;

3) ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerleri – şäher gurluşygynyň baş meýilnamalarynda, etraplary meýilleşdirip gurmagyň we şäher ýakasyndaky zolagy ösdürmegiň çyzgylarynda şypahanalaryň, dynç alyş we syýahatçylyk edaralaryna degişli desgalaryň ýerleşýän we ilatyň köpçülikleýin dynç alýan zolaklarynda aýratyn bölünip berlen ýer bölekler (suwa düşünmek üçin niýetlenen ýer (mundan beýläk-plýaž), seýilgähler, dynç alynýan ýerler, sport bazalary we olaryň açyk ýerlerdäki desgalary);

4) jemagat-durmuş maksatly desgalar (mundan beýläk – desgalar) – munuň özi myhmanhana hyzmatlaryny ýerine ýetirýän desgalar, hammamlar, saunalar, howuzlar, geýim-gejim ýuwulýan, himiki usul bilen egin-eşik arassalanýan desgalar, dellekhanalar we kosmetika hyzmatlary boýunça otaglar, jemgyýetçilik hajathanalary, ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerleri;

5) kosmetika hyzmatlary – munuň özi lukmançylyk gözegçiligini talap etmeýän ýagdaýda müşderiniň estetiki zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin, kosmetika serişdelerini we dekoratiw kosmetikany ulanmak arkaly, müşderiniň ýüzüniň we bedeniniň derisine hem-de gaşlaryna, kirpiklerine we dyrnaklaryna fiziki we himiki taýdan täsir etmek;

6) kosmetika otagy – gigiýena we dekoratiw häsiýetli kosmetik hyzmatlary berjaý etmek üçin otag;

7) mobil hajathana – göçme (plastik tualet kabinalary, biotualet we ş.m.), awtobuslaryň, mikroawtobuslaryň binýadynda gurnalan tirkegleriň, ýarym tirkegleriň üstünde goýlan modul hajathanalar;

8) plýažlar – deňziň, kölüň, derýanyň, kanalyň ýa-da açyk howuzyň we beýlekileriň köpçülikleýin dynç alynýan, suwa düşülýän, gün we howa nowalarynyň (wannalarynyň) kabul edilýän ýeri hökmünde ulanylýan kenary;

9) stasionar hajathana – aýratynlykda duran, hajathana hökmünde gurnalan ýerüsti ýa-da ýerasty desga;

10) ýörite sanitariýa geýimi (mundan beýläk – ýörite geýim) – munuň özi iş ornunda işgäriň saglygy üçin zyýanly we howply faktorlardan goranmak üçin niýetlenen özbaşdak gorag serişdesi.

## II bap. Jemagat-durmuş maksatly desgalar üçin sanitariýa-epidemiologiýa ugry boýunça umumy talaplary

4. Desgalar ýerleşdirilende ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň bozulmagyna ýol berilmeýär.

5. Desgalaryň gurluşygy we jaýlaryň timarlanmagy üçin bellenilen tertipde rugsat berlen serişdeler ulanylmalydyr.

6. Desganyň çägi (territoriýasy) abadanlaşdyrylmalydyr we arassa ýagdaýda saklanmalydyr.

7. Desganyň girelgesiniň ýanynda zir-zibil üçin gapyrjaklar goýulmalydyr. Zir-zibilleri ýygnap aýyrmak üçin, 3 (üç) tarapy aýmançaly, gaty düşekli meýdançada ýerleşdirilen gapakly konteýnerler ulanylmalydyr.

8. Desgalar hojalyk suw, agyz suw we akdyrylýan suwy sowujy ulgamlar bilen üpjün edilmelidir.

9. Ýyladyş, şemalladylma ulgamy (wentilýasiýa), howany howalandyrma (kondisionirlemek) boýunça ulgamlar mikroklimatyň oňaýly ähli talaplarynyň (parametrleriniň) saklanmagyny üpjün etmelidirler.

10. Sowuk we gyzgyn suw bilen üpjün edýän ulgamlar kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýän suwuň berilmegini üpjün etmelidir.

11. Desgalaryň suw sowujy ulgamy akdyrylýan hapa suwlaryň howpsuz ýagdaýda sowulmagyny üpjün etmelidir. Sanitariýa-tehniki ulgamlar, gurallar we enjamlar abat ýagdaýda saklanylmalydyr.

12. Merkezleşdirilen lagym ulgamy bolmadyk ilatly nokatlaryň çäginde hajathanalar we hapa suw (ýuwundy) üçin çukurlaryň içi suw geçirmeýän we ýygnalyp aýrylýan görnüşde bolmagy göz öňünde tutulmalydyr.

13. Iş orunlarynyň tebigy we emeli yşyklandyrylyşynyň derejesi, şeýle hem şol ýerlerdäki iş ýeriniň howasynda zyýanly maddalaryň mukdary kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmelidir.

14. Elmydama adamlar bolýan otaglar penjireler arkaly tebigy ýagdaýda ýagtylandyrylmalydyr. Önümçilik we kömekçi binalaryň ählisi emeli yşyklandyryş bilen üpjün edilmelidir.

Yşyklandyryjy enjamlar öz wagtynda hapadan arassalanyp, ýanan çyralar öz wagtynda çalşyrylmalydyr. Yşyklandyryjy çyralar gorag gural bilen örtülmäge degişlidir.

15. Güýçli zenzeläniň, sandyramanyň, ultramelewşe, infragyzyl, elektromagnit şöhleleriň ýaýramagynyň çeşmesi bolan enjamlaryň (gurallaryň) ulanylmagyna ýol berilmeýär.

16. Otaglaryň gurluş (funksional) maksadyna laýyk gelmeýän görnüşde ulanylmagyna ýol berilmeýär.

17. Her gün desgalaryň ähli otaglary ýuwujy serişdeler bilen çygly usul bilen arassalanyp, syryp-süpürmek üçin öwseleler belgilenilip, otaglar, binalar gurluş (funksional) maksadyna laýyk gelýän görnüşde ulanylmalydyr. Syryp-süpürmek üçin öwseleler tekjeler bilen üpjün edilen ýerde (otagda) saklanylmaga degişlidir.

18. Ulanylan içki geýim we iş egin-eşigi geýim-gejim ýuwulýan desgalarda ýa-da suw geçiriji ulgamly, degişli enjam bilen üpjün edilen ýörite jaý bar bolan halatynda, edaranyň özünde ýuwlup arassalanylmalydyr.

Egin-eşigi ýuwmak üçin özbaşdak jaý enjamlaşdyrylanda ýuwup arassalamak boýunça tehnologik amallaryň yzygiderliligi (akymlaýynlygy) berjaý edilmelidir hem-de hapa we arassa egin-eşikleriň akymlarynyň biri-birine gabat gelmegine we garyşmagyna ýol berilýän däldir.

19. Zyýansyzlandyryş işlerini geçirmek üçin, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan rugsat berlen zyýansyzlandyryjy serişdeler ulanylýar. Zyýansyzlandyryjy erginler bu serişdeleri ulanmak boýunça gözükdirijä laýyklykda bellenilen jemlenme (konsentrasiýalarda) taýýarlanylýar.

20. Dezinseksiýa we deratizasiýa boýunça çäreler bellenilen tertipde ýörite edaralar tarapyndan degişli düzgünleri berjaý etmek arkaly amala aşyrylýar.

21. Işgärleriň naharlanmagy, şahsy gigiýenanyň düzgünlerini berjaý etmegi

hem-de özleriniň şahsy we ýörite geýimini aýratyn saklamagy üçin şertleri döretmek göz öňünde tutulýar.

22. Önümçilik we durmuş otaglarynda el ýuwmak üçin elýuwarlar gurnamalydyr.

23. Binalary timarlamakda we enjamlarda kemçilikleriň bolmagyna ýol berilmeýär.

24. Desgalardaky işgärler ýörite egin-eşik bilen üpjün edilmelidir.

25. Desgalaryň ýolbaşçysy tarapyndan lukmançylyk gözegçiliginden geçen adamlar işe kabul edilýär we gelejekde olaryň hökmany döwürleýin lukmançylyk gözegçiliginden we gigiýena okuwyndan geçirilmegini üpjün edýär.

Işgärleriň işlemäge rugsat edýän şahsy saglyk depderçeleri iş orunlarynda saklanýar.

## III bap. Myhmanhana hyzmatlaryny berjaý edýän desgalara bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

26. Myhmanhanalaryň, hostelleriň aýry gurlan binalarda ýa-da dürli maksatly binalaryň düzüminde şeýle hem köp öýli ýaşaýyş jaýlarynda taslamalaşdyrylmagyna we ýerleşdirilmegine hususy eýeçilige degişli beýleki hususy jaýlara dahylsyz aýratyn girelgesi (çykalgasy) bar bolan halatynda ygtyýar berilýär.

27. Myhmanhanalaryň we hostelleriň ýaşalýan jaýlarynyň ýerzemin we ýarym ýerzemin gatlarynda ýerleşdirilmegine ygtyýar berilmeýär.

28. Myhmanhanalaryň aýratyn otaglarynda sanitariýa düwünleriň (hajathanalarynyň), geýimasaryň bolmagy göz öňünde tutulýar. Hostellerde sanitariýa düwünleri ýaşalýan nomeriň ýa-da otagyň çäkleriniň daşynda, binanyň içinde ýerleşdirilýär. Hostellerde bir ýa-da iki hatarly krowatlaryň ulanylmagyna ýol berilýär.

29. Hosteller sanitariýa düwünleri bilen üpjün edilende, on bäş sany adam üçin niýetlenip, azyndan bir hajathana kabinasynyň we el-ýüz ýuwulýan bir ýeriň (elýuwaryň) hem-de on bäş adam üçin duşly kabinanyň biriniň bolmalydygy göz öňünde tutulýar. Uly hostellerde erkekler we zenanlar üçin aýratyn sanitariýa düwünleri we duşly otaglary gurnamak maslahat berilýär.

30. Hostellerde naharhanalary, aşhanalary, nahar kabul etmek we taýýarlamak otaglaryny öz-özüňe hyzmat etmek usuly boýunça zerur bolan enjamlar, aşhana gap-gaçlary, degişli esbaplar (inwentarlar), naharhana gap-gaçlary, iýmit önümlerini saklamak üçin göwrümler, ýuwujy serişdeler bilen enjamlaşdyrmaga ýol berilýär.

31. Myhmanhanalaryň we hostelleriň ýaşalýan gatlarynda jemgyýetçilik iýmitine degişli otaglaryň (barlaryň, kafeleriň, garbanyşhanalaryň) guralmagyna ygtyýar berilýär we şunda ýaşalýan jaýlarda sesiň geçirilmezligine degişli kadalar berjaý edilmelidir.

32. Myhmanhanalaryň otaglary we basgançakly meýdançalary tebigy we emeli yşyklandyryş bilen üpjün edilýär we Myhmanhanadaky otaglary emeli yşyklandyryş arkaly ýagtylandyrmagyň iň pes ölçegleri (şu Sanitariýa kadalaryna 1-nji goşundy) bilen kesgitlenilýär.

33. Ýaşalýan otaglarda howany kondisionirlemek bilen üpjün edilýär. Myhmanhananyň binasynda howany kondisionirlemek boýunça ulgamlar bolmadyk halatynda, howany sorujy-çekiji şemalladylma ulgamy gurnalýar.

Şemalladylma howanyň kadaly aýlanmasyny üpjün edýär hem-de del yslaryň ýaşalýan otaglara we umumy jaýlara aralaşmagyna ýol bermeýär.

34. Myhmanhanalaryň hajathanalaryny ýuwunmak üçin elýuwarlar (rakowinalar), elleriňi guratmak üçin elektrik el süpürgiçler ýa-da aýratyn desmallar, ýuwujy serişdeler, hajathana kagyzyny saklaýan esbap, gapda goýulýan we unitaz üçin ulanylýan süpürgiç, zir-zibil üçin gapyrjak (urna) bilen üpjün edilýär.

35. Myhmanhananyň otaglary we umumy ýagdaýda ulanylýan ýerleri her gün çygly usul bilen arassalanýar we ýelejiredilýär. Haly önümleriniň tozany aýrylýar, ýumşak mebel arassalanýar.

Hajathanany arassalamak otagyň beýleki ýerleriniň ählisi arassalanandan soňra amala aşyrylýar.

36. Nowalar, hajathanadaky unitazyň oturylýan ýeri we gapaklary, bide, suw akdyrmak üçin esbaplar we gapylardaky tutawaçlar zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen işlenilýär.

Hajathanalardaky unitazlar we pissuarlar zyýansyzlandyryjy ergin bilen işlenen ýörite çotgalaryň kömegi bilen arassalanylýar we suw bilen ýuwulýar.

37. Ýorgan-düşek daşlyklaryň, el süpürgiçleriň toplumlarynyň sany we olaryň çalşyrylyşy myhmanhanalaryň derejesine (klassifikasiýasyna) laýyklykda kesgitlenilýär.

Hostellerde ýorgan-düşek daşlyklaryň, el süpürgiçleriň toplumy ýaşaýan her bir adam üçin niýetlenip berilýär.

38. Ulanylan daşlyklar we el süpürgiçleriň toplumlary paketlere polietilen gaplara we haltalara ýygnalýar. Arassa ýorgan-düşek daşlyklarynyň we el süpürgiçleriň toplumlarynyň üsti açyk ýagdaýda ulagly daşalmagyna ýol berilmeýär.

## IV bap. Umumy ýaşaýyş jaýlaryna bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

39. Umumy ýaşaýyş jaýlar taslamalaşdyrylanda we gurlanda, ýaşalýan otaglar dälizli (koridorly) ulgam boýunça 10 sany otagdan köp bolmadyk we öýli (kwartiraly) ulgam boýunça 3 sany otagdan köp bolmadyk bloklarda jemlenýär. Her blokda aşhana

we sanitariýa düwüni, duşly kabinalar ýerleşdirilýär we bular birnäçe bloklar üçin umumy görnüşde bolup biler.

40. Umumy ýaşaýyş jaýlarynda şulara ýol berilmeýär:

1) sanitariýa düwünleriň, ýuwunmak üçin otaglaryň, duşly otaglaryň ýaşalýan otaglaryň ýokarsynda we gönüden-göni ýaşalýan otaglara ýanaşyk görnüşde ýerleşdirilmegine;

2) jaýyň diwaryndaky elektrik şitleriň ýaşalýan otaglara ýanaşyk bolmagyna;

3) sanitariýa-tehniki abzallaryň gönüden-göni ýaşalýan otaglarynyň diwarlaryna berkidilmegine.

41. Umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky ýaşalýan otaglaryň meýdany bir adama azyndan 9 $m^2$ düşer ýaly edilip kesgitlenilýär.

42. Köp gatly umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky kömekçi we sanitariýa-durmuş maksatly otaglar, hususan-da, hajathanalar, ýuwunmak üçin otaglar, geýim-gejimleri ýuwmak we guratmak üçin otaglar, umumy aşhanalar, syryp-süpürmek üçin öwseleleri saklamak üçin otag (ýer) her gatda ýerleşdirilmelidir.

43. Lukmançylyk nokadynyň jaýlary 1-nji gatda, medeni-köpçülikleýin çäreleri geçirmek, durmuş hyzmatlaryny berjaý etmek üçin niýetlenen otaglar 1-nji ýa-da 2-nji gatda ýaşalýan otaglardan üzňe özbaşdak otaglarda ýerleşdirilýär.

44. Geýim-gejimleri ýuwmak üçin otaglar dälizlerden (koridorlardan) gapyň agzyna guralan goşmaça desga (tambur) arkaly üzňeleşdirilýär hem-de bularda sowuk we gyzgyn suw akýan nowalar, çyg geçirmeýän örtükli oturgyçlar ýa-da stollar, tekjeler, legenler goýulýar. Geýim-gejimleri guratmak üçin otaglar geýim-gejimleri guradyjy, ütükleýji enjamlar bilen üpjün edilýär.

45. Aşhanalar plitalar, ýuwujy enjamlar, stollar bilen üpjün edilýär.

46. Geýim-gejimleri ýuwmak üçin otaglarda, duşly otaglarda, sanitariýa düwünlerde sorup-çykaryjy mehaniki şemalladylma ulgamy gurnalýar.

47. Umumy ýaşaýyş jaýlarynyň otaglarynda howanyň we howa çalşygynyň göwrüminiň kesgitlenen hasaplama görkezijileri Umumy ýaşaýyş jaýlarynyň otaglarynda howanyň we howa çalşygynyň göwrüminiň hasaplama görkezijilerinde (şu Sanitariýa kadalaryna 2-nji goşundy) beýan edilendir.

48. Umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýaşalýan otaglaryň ählisi, şeýle hem umumy dälizler (koridorlar) we hollar tebigy yşyklandyryş bilen üpjün edilýär. Sanitariýa düwünlerinde, duşly otaglarda, ammarlarda we adamlaryň gysga wagtlaýyn girip çykýan beýleki kömekçi otaglarynda tebigy ýagtylygyň bolmazlygyna we bu otaglaryň emeli yşyk bilen üpjün edilmegine ygtyýar berilýär.

49. Penjirelerdäki aýnalar arassa saklanýar we hapalanyşynyň derejesine görä arassalanýar.

50. Umumy ýaşaýyş jaýlarynyň otaglarynda zir-zibil üçin gapyrjaklar, aşhanalarda iýmit galyndylary üçin niýetlenen, agzy ýapylýan gaplar goýulýar, olar doluşyna görä boşadylýar. Zir-zibilleriň we içi galyndyly gaplaryň dälizlerde (koridorlarda) we köpçülik üçin niýetlenen jaýlarda saklanylmagyna ýol berilmeýär.

51. Düşekçeler, ýassyklar, ýorganlar epidemiologiýa görkezmeleri boýunça zyýansyzlandyrylýar. Düşekçeler çalşyrylýan daşlyklar bilen üpjün edilýär, bular hapalanyşynyň derejesine görä ýuwlup arassalanýar. Ýorgan-düşekleriň daşlyklary hapalanyşynyň derejesine görä, ýöne 7 senenama gününiň dowamynda bir gezekden az bolmadyk möhletde çalşyrylýar.

52. Ýatmak üçin ulanylýan zatlaryň goşmaça toplumlary (düşekçeleriň daşlyklary, ýassyklar, ýuka ýorganlar) aýratyn şkaflarda (tekjelerde) saklanýar.

## V bap. Hammamlara we saunalara bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

53. Hammamlar we saunalar aýratyn gurlan binalarda, ýa-da geýim-gejim ýuwulýan ýerler bilen bilelikdäki jaýlarda, şeýle hem jemgyýetçilik binalarynda we senagat kärhanalarynyň durmuş maksatly jaýlarynda ýerleşdirilýär. Hammamlar we saunalar dürli maksatly binalarda ýerleşdirilen halatynda, gatlaryň (etažlaryň) arasyndaky örtgüler bug, gyzgynlyk, çyg we ses geçirmeýän bolmagyny üpjün etmelidir.

Hammamlaryň we saunalaryň otaglarynyň timarlanmasy we pollaryň örtükleri, ulanylýan mebeller bildirilýän gigiýena talaplara laýyk gelmelidir.

54. Hammamlaryň we saunalaryň otaglarynyň düzümine: egin-eşik çalşyrylýan, sanitar düwünler, ýuwunylýan, duşly, gyzgyn bugly otaglar, legenleri ýuwmak we zyýansyzlandyrmak otaglar (ýerler), syryp-süpürmek üçin öwseleleriň, ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleriň saklanýan ýerleri, işgärleriň dynç alýan otagy girýär.

55. Kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyklykda, hammamlarda dellekhanalaryň, owkalama we kosmetika otaglarynyň, jemgyýetçilik iýmiti desgalarynyň, şahsy gigiýena degişli zatlary we beýleki harytlary satmak boýunça dükanlaryň, ýerleşdirilmegine ýol berilýär.

56. Hammamlarda howany täzeleýiji-çekiji şemalladyjy ulgamy gurnalmalydyr. Hammamlar üçin howany täzeleýji şemalladyjy ulgamy bilen utgaşdyrylan howa arkaly ýylylyk üpjünçiliginiň gurnalmagyna ýol berilýär, bu ýagdaýlarda hammamyň otaglarynyň içki howasy gaýtadan, öwrülişikli (resirkulýasiýaly) ulanylmaly däldir.

57. Gyzgyn bugly jaýlardaky howanyň temperaturasyny gözegçilikde saklamak üçin bu otaglarda termometr goýulýar.

58. Äpişgelerde açylýan penjireleriň ýokarky açylýan bölegi (framugalar) ýa-da fortoçkalar göz öňünde tutulýar.

59. Hammamlarda we saunalarda ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdelere durnukly serişdelerden taýýarlanan gaty ýa-da ýarymgaty mebel goýulýar, egin-eşik çalşyrylýan we duş otaglarda rezin düşekçeler ulanylýar. Agaçdan ýasalan basgançaklaryň (traplaryň) ulanylmagyna ygtyýar berilmeýär.

60. Ýuwunmak üçin, ýokary derejeli temperaturalaryň täsirine döz gelýän hem-de aňsat ýuwulýan we arassalanýan legenler ulanylýar. Agaçdan ýasalan legenleriň ulanylmagyna ygtyýar berilmeýär.

61. Hammamlarda we saunalarda özbaşdak peýdalanmak üçin niýetlenen hem-de paketlere salnan görnüşdäki arassa we gury geýim-gejimleri örtümler, elsüpürgiçler (polotenseler) ulanylýar. Arassa geýim-gejimler ulanylan zatlardan aýratynlykda saklanýar.

62. Hammamlaryň we saunalaryň otaglary tämiz saklanýar. Lagymdaky traplaryň hapalanmagyna we polda hapa suwuň ýygnanmagyna ýol berilmeýär. Ýuwnulýan zallardaky pollar her gün we hapalanyşynyň derejesine görä arassalanýar we ýuwulýar.

63. Her müşderiniň ulanylan rezin aýakgaplary zyýansyzlandyryjy we fungisid täsirli serişdeler bilen işlenilýär. Rezin önümlerini arassalamak üçin, belliklenen gaplar bölünip berilýär. Zyýansyzlandyrylandan soň, aýakgaplar ýuwulýar, guradylýar we özbaşdak paketlere salnyp berilýär.

64. Legenleri arassalamak üçin zyýansyzlandyryjy erginli gaplar, arassalaýjy serişdeler, çotgalar, esgiler ulanylýar. Legenler zyýansyzlandyryjy ergine bütinleý çümdürmek arkaly zyýansyzlandyrylýar we suwda ýuwulýar.

65. Her gün iş tamamlanandan soň otaglar, mebeller we enjamlar arassalanýar, zyýansyzlandyrylýar, ýelejiredilýär.

66. Hammamlardaky we saunalardaky bugly otaglardan başga otaglar zir-zibil üçin niýetlenen gapyrjaklar bilen üpjün edilýär.

67. Hammamlardaky we saunalardaky ýuwnulýan we duşly otaglarda geýim-gejimleriň ýuwulmagyna we guradylmagyna, hammamlardan peýdalanylmagyna dahylsyz goşlaryň we zatlaryň saklanmagyna ýol berilmeýär.

## VI bap. Sport-sagaldyş desgalaryna bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

68. Sport-sagaldyş desgalary aýratyn gurlan, jemgyýetçilik binalarynyň we ýaşaýyş jaýlarynyň içinde gurnalan hem-de gapdalyndan ýanaşyk gurlan jaýlarda ýerleşdirilýär. Başga jaýlara zenzele (goh) we ses geçirmeýän bolan halatynda, olaryň ýaşaýyş jaýlarynyň sokol we ýerasty otaglarynda ýerleşdirilmegine ýol berilýär.

69. Sport-sagaldyş desgalarynda çygly tämizleme işlerine, tozanyny süpürmekde kynçylyk döretmeýän sport esbaplary ulanylýar.

70. Türgenleşmek üçin ulanylýan sport haltalar we esbaplar dersler başlanmanka, her gün ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeler ulanylyp, çyg esgi bilen süpürilýär.

Sport zallarynyň we sport enjamlarynyň çygly arassalaýyş işlerini günüň dowamynda azyndan iki gezek geçirmelidir.

71. Ýylyň dowamynda hereket edýän sport-sagaldyş edaralarynyň penjirelerine mikroklimatyň parametrlerini kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün edýän framugalar oturdylýar.

72. Sport zallarynyň yşsyz we göwnejaý ýonulan, üst tarapy tekiz, gorizontal we taýdyrmaýan pollary dersler başlanmanka gury we tämiz bolmalydyr.

73. Ýyladyş enjamlary gözenekler ýa-da germewler bilen ýapylmalydyr.

## VII bap. Geýim-gejim ýuwulýan we himiki usul bilen egin-eşik arassalanýan desgalara bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

74. Geýim-gejim ýuwulýan we himiki usul bilen egin-eşik arassalanýan desgalar aýratyn gurlan binalarda, jemgyýetçilik binalarynda we senagat kärhanalarynyň durmuş maksatly binalarynda ýerleşdirilýär. Bular dürli maksatly binalarda ýerleşdirilen halatynda, gatlaryň arasyndaky örtgüler bug, gyzgynlyk, çyg we ses geçirmeýän bolmagyny üpjün etmelidir.

75. Geýim-gejim ýuwulýan desgalaryň binagärlik-meýilleşdiriş çözgüdine görä bu desgalarda tehnologik amallaryň yzygiderliligi (akymlaýyn bolmagy) göz öňünde tutulýar hem-de hapa we arassa geýim-gejimleriň akymlarynyň biri-birine gabat gelmegine we çaknyşmagyna ýol berilmeýär.

76. Geýim-gejim ýuwulýan jaýlardaky ýuwmak we guratmak üçin niýetlenen otaglaryň penjireleriniň ýokarsynda jemgyýetçilik binalarynyň penjireleri ýerleşýän bolsa, şol penjireler tutuş, açylmaýan görnüşde (framugalarsyz we fortoçkalarsyz) gurnalýar.

77. Jemagat kir ýuwulýan desgalarda hassahanalaryň ulanylýan geýim-gejimlerini ýuwmak üçin rugsat berilmeýär.

78. Hassahanalaryň kir ýuwulýan desgalarynda arassa we hapa geýim-gejimleriň saklanýan otaglarynda tekjeler tapawutlandyrylýar we tekjelerde stasionarlaryň gurluş (funksional) düzümleri görkezilýär. Terapiýa, hirurgiýa, obserwasion, ýokanç keseller (profilli) bölümlerine degişli geýim-gejimleri aýratynlykda saklanýar. Her gezek geýim-gejimleri çalşyrylandan soňra, tekjeleriň we enjamlaryň üstki taraplary zyýansyzlandyrylýar.

79. Mikroorganizmler bilen hapalanan (infisirlenen) geýim-gejimleriň işlenilýän ýerleri şu aşakda görkezilen talaplara laýyk gelmelidir:

1) mikroorganizmler bilen hapalanan (infisirlenen) geýim-gejimiň kabul edilýän otagy beýleki otaglardan üzňeleşdirilýär;

2) geýim-gejimiň kabul edilýän, saýlanylýan we ýuwulýan otagy howa sorýan özbaşdak şemalladylma bilen üpjün edilýär;

3) ezilip goýulmagy üçin infisirlenen geýim-gejim hapa kirleriň saýlanylýan otagyndan geçirilýär;

4) ýuwulmazdan ozal we ýuwlan wagtynda geýim-gejimleri zyýansyzlandyrylýar;

5) geýim-gejim ýuwulýan we himiki usul bilen egin-eşik arassalanýan desgalardan akdyrylýan hapa suwlar arassalaýjy ýerli desgalarda arassalanýar we zyýansyzlandyrylýar.

80. Hapa we arassa geýim-gejimlerini alyp gitmek üçin niýetlenen aýratyn legenler, arabalar belliklenýär we bellenilen ugry boýunça ulanylýar.

81. Esasy we kömekçi önümçilik otaglarynyň diwarlarynyň, potoloklarynyň, pollarynyň timarlama işlerinde sorbirlenmeýän we zyýanly himiki maddalaryň toplanmagyna ýol bermeýän serişdeler ulanylmalydyr.

82. Pollar himiki täsirlere çydamly, suw geçirmeýän serişdeler bilen örtülýär, pollaryň gurluşy suw dökülende we jaýlar çig usulda ýuwlanda, suwuň akdyrylyp aýrylmagyny üpjün edýär.

83. Önümçilik, kömekçi we sanitariýa-durmuş maksatly otaglar sorup-çykaryjy şemalladylma ulgamy bilen enjamlaşdyrylýar.

84. Himiki maddalaryň bölünip çykýan ýerlerindäki iş orunlarynda, şeýle hem tegmilleri aýyrmak, öllemek-ýylylyk arkaly arassalamak boýunça işler şol ýerlerde sorujy gurluşlar bar bolan halatynda geçirilýär.

85. Himiki usul bilen egin-eşik arassalanýan jaýda howanyň gaýtadan aýlanmasyna (resirkulýasiýasyna) ýol berilmeýär.

86. Enjamdaky hapa suwlary akdyrmak ýapyk usul boýunça amala aşyrylýar. Hapa suwlaryň önümçilik otaglarynyň poluna akdyrylmagyna, suw sowujy ulgama akdyrmak üçin niýetlenen ternawlaryň üstüniň açyk bolmagyna ýol berilmeýär.

87. Önümler eredijileri ulanmak arkaly gury himiki usulda arassalananda ähli amallaryň üznüksiz we birleşdirilen tapgyrda ýerine ýetirilmegi üpjün edilýär.

88. Önümçilikdäki enjamlara hyzmat etmek boýunça amallar, eredijileri eltmek, bellenen mukdarlara bölmek we ulanmak, filtrleýän poroşoklaryarasalaýyş serişdeleri çalmak we filtrleriň elementlerini mehaniki taýdan arassalamak işleri özbaşdak şahsy gorag serişdelerinden peýdalanmak arkaly amala aşyrylýar.

89. Önümleri ýuwmak we himiki taýdan arassalamak boýunça tehnologik amallarda hili we howpsuzlygy baradaky resminamalary bolan reagentler, maddalar we serişdeler ulanylmalydyr.

90. Himiki reagentler, maddalar we serişdeler ýerli sorujy şemalladylma bilen üpjün edilen, turşulyklaryň we aşgarlaryň täsirine çydamly polly, tekjeler we aşagynda goýulýan esbaplar bilen üpjün edilen otaglarda saklanylmalydyr.

91. Arassa geýim-gejimleri daşamak we bermek gaplanan görnüşde amala aşyrylýar.

## VIII bap. Ilata kosmetika we dellekhana hyzmatlaryny ýerine ýetirýän desgalara bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

92. Ýaşaýyş jaýlarynda bu desgalar aýratyn girelge (çykalga) bar bolan halatynda ýerleşdirilýär. Ýerzemin gatlar kömekçi we goşmaça otaglar hökmünde ulanylýar.

93. Desgalaryň binagärlik-meýilleşdiriş çözgütleri ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň sanawyna we desgalaryň kuwwatyna görä kesgitlenilmelidir. Ilata kosmetika we dellekhana hyzmatlaryny ýerine ýetirýän desgalaryň otaglarynyň meýdanlary Ilata kosmetika we dellekhana hyzmatlaryny etmek boýunça desgalaryň otaglarynyň meýdanlaryna (şu Sanitariýa kadalaryna 3-nji goşundy) laýyklykda kesgitlenmelidir.

94. Kosmetika otaglary gyzgyn we sowuk suw geçirilen elýuwarlar (rakowinalar), enjamlaryň toplumy, bir gezeklik gurallaryň we serişdeleriň ätiýaçlyk toplumy bilen enjamlaşdyrylmalydyr.

Parfýumeriýa-kosmetika önümlerini we saça, dyrnaklara, derä ideg etmek üçin niýetlenen serişdeleri ulanmak, saklamak we müşderilere ýerlemek ulanylýan önümiň howpsuzdygyny we hilini tassyklaýan resminamalary bar bolan halatynda amala aşyrylýar.

95. Kosmetika hyzmatlar müşderileriň janyna we saglygyna howp salmaly däldir. Hyzmatlar amala aşyrylanda ulanmaga garşy görkezmeleriň we müşderileriň özboluşly aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagy hökmanydyr.

96. Manikýur we pedikýur iş otaglarynyň iş orunlary umumy we emeli yşyklandyryşy gurnamak arkaly ýagtylandyrylýar.

97. Arassa geýim-gejimlerini we parfýumeriýa-kosmetika serişdelerini saklamak üçin niýetlenen otaglarda (ýerlerde) tekjeler ýa-da şkaflar goýulýar, hapa geýim-gejimleri üçin gapakly gaplar ulanylýar. Ulanylan we arassa geýim-gejimleriniň garyşdyrylmagyna ýol berilmeli däldir.

98. Saçlary gyrkmak (parikleri taýýarlamak) boýunça işler üzňeleşdirilen otagda geçirilmelidir.

99. Her bir müşderi ätiýaçlyk üçin, arassa el süpürgiçler, desmallar, ýapynjalar we beýlekiler bilen üpjün edilýär. Penýuar bilen birlikde, arassa desmallar ýa-da ýakanyň astyndan goýulýan bir gezeklik mata ulanylýar. Arassa, ulanylan geýim-gejimleri, parfýumeriýa-kosmetika serişdeler, şeýle hem ýuwujy we zyýansyzlandyryş serişdeler aýratyn otagda saklanýar.

100. Dellekhana hyzmatlaryny berjaý etmek üçin niýetlenen zalda arassa geýim-gejimleriň, parfýumeriýa-kosmetika serişdeleri ýapyk şkaflarda saklanylmalydyr. Geýim-gejimleriň ikinji gezek ulanylmagyna ýol berilmeýär.

101. Ulanmak boýunça gözükdirijä laýyklykda, her müşderiden soň, daraklar, çotgalar, saç gyrkmak üçin ulanylýan gaýçylar üstünden suw akdyrylyp ýuwulýar soňra zyýansyzlandyryjy erginlere bütinligine batyrmak arkaly himiki usul boýunça zyýansyzlandyrylýar ýa-da ultramelewşe şöhlä tutulýar.

102. Tok arkaly işledilýän we oturtma päkileri, kosmetika enjamlaryna we abzallara degişli elektrodlar zyýansyzlandyryjy ergine batyrylan bölek hasa (tampon) bilen iki gezek (15 (on bäş) minut aralykda) süpürilýär.

103. Pedikýur edilende aýaklaryň aşagynda goýulýan ýassyk her gezek ulanylandan soňra, zyýansyzlandyryjy ergine batyrylan esgi bilen süpürilýär.

104. Her müşderä ulanylandan soň, aýaklar we eller üçin kiçi nowalar ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleri ulanmak arkaly arassalanýar.

105. Manikýur, pedikýur, kosmetika hyzmatlary (kosmetika hyzmatynyň görnüşine görä) özbaşdak toplumlar bar bolan halatynda amala aşyrylýar.

106. Derä, nemli üstlere zelel ýetirilmegi mümkin diýlip hasaplanýan halatlarda, amala aşyrylýan işleri (manipulýasiýany) geçirmegiň ähli tapgyrlarynda müşderiniň howpsuzlygy üpjün edilýär. Manikýur, pedikýur geçirilmezden ozal we geçirilenden soňra, deriniň we ýaraly kanalyň ýüzi zyýansyzlandyrylýar.

107. Manikýur, pedikýur üçin gurallar, şeýle hem ulanylýan beýleki serişdeler zyýansyzlandyrmagyň bugly, howaly ýa-da himiki usuly arkaly zyýansyzlandyrylýar

we soňra mikroorganizmleriň ikilenç hapalanmagyny aradan aýyrmak şertlerinde saklanýar.

108. Deri örtügine ýa-da nemli bardalara zelel ýetirilmegi mümkin diýlip hasaplanýan ýagdaýlarda manipulýasiýalary geçirmek (manikýur, pedikýur, kosmetika hyzmatlary) üçin ulanylýan gurallar arassalanýar we zyýansyzlandyrylýar.

109. Manikýur, pedikýur, kosmetika hyzmatlary üçin ulanylýan gurallary zyýansyzlandyrmagyň, zyýansyzlandyrmagyň öňünden arassalamagyň we zyýansyzlandyrmagyň keselleriň döremegine we ýaýramagyna garşy gönükdirilen iş tertibini guramak we her gün gözegçilikde saklamak desganyň administrasiýasynyň ýa-da edaranyň başlygynyň üstüne ýüklenilýär.

110. Parenteral gepatitiň (sary getirmäniň) ýokuşmagynyň we ondan-oňa geçmeginiň öňüni almak maksady bilen, deri örtüklerini bozmak boýunça manipulýasiýalary amala aşyrýan obýektleriň işgärlerine işe kabul edilende, hünäri bilen baglylykda, B gepatitiň garşysyna sanjym edilmelidir hem-de olar her ýyl B we C gepatitleriň wiruslarynyň markerlerine barlanylmalydyr. Elleriňe gan degip hapalanmagyna getirýän manipulýasiýalaryň ählisi rezin ellikli amala aşyrylýar. Işgärde açyk mikro şikesler, dyrnagyň yzlary, sypjyryklar, ýaryk we iriňli ýerler bar bolsa, onuň gorag (ýörite esbaplardan, leýkoplastyrdan) peýdalanmasyz, müşderiler bilen işlemegine ygtyýar berilmeýär.

111. Işgärler şahsy gigiýenanyň şu aşakdaky düzgünlerini berjaý etmelidir:

1) müşderä hyzmat etmeginden öň we hyzmat tamamlanylandan soňra, elleriňi mazaly sabynlap ýuwmaly;

2) kosmetika iş otaglarynda elleriňi arassalamak üçin, derini zyýansyzlandyrýan serişdeleri (antiseptikleri) ulanmaly, gorag maskaly, bir gezeklik rezin, lateksli ellikli işlemeli;

3) saç reňklenende, ellikli işlemeli;

4) iş orunlarynda çilim çekmeli däl we nahar edinmeli däl;

5) ýörite geýimli işlemeli;

6) şahsy we ýörite geýimi aýratynlykda saklamaly.

112. Gan bilen hapalanan eller ýa-da ellikler akar suwda, sabynlanyp ýuwulýar we ondan soň zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen arassalanýar. Gan bilen hapalanan ellikler zyýansyzlandyryjy ergine çümdürilýär we soňra ýok edilýär.

## IX bap. Parfýumeriýa-kosmetika önümlerini we agyz boşlugynyň gigiýenasy üçin serişdeleri öndürmäge, ýerlemäge we saklamaga bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

113. Parfýumeriýa-kosmetika önümlerini öndüriji we satyjy öndürilýän parfýumeriýa-kosmetika önümleriniň (mundan beýläk - PKÖ) howpsuz bolmagyny üpjün edýärler hem-de olaryň şu Sanitariýa kadalarynyň talaplaryna hem-de hereket edýän kadalaşdyryjy-tehniki resminamalara laýyk gelmegini kepillendirýärler.

114. Önümçilik binalarynyň içinde başlangyç önümleriň ätiýaçlyk çalşyrylýan gorlarynyň, jaýlardaky howa zyýanly ýa-da ýiti ysly maddalary bölüp çykarýan goşmaça önümleriň ýerleşdirilýän ýerlerinde şemalladylma ulgamy bilen enjamlaşdyrylýar. Şemalladylma ulgamlaryň işleýşine barlag onümçilik kärhananyň özüne degişli bölümleri we ýöriteleşdirilen edaralar tarapyndan ýylda azyndan 1 (bir) gezek amala aşyrylmalydyr.

115. Diwarlar, pol, potolok ýuwmaga ýa-da tämizlemäniň beýleki usullaryna oňaýly hem-de zyýanly we ýiti ysly maddalary sorbirlemeýän serişdelerden taýýarlanýar.

116. Önümçilik otaglarynda howany arassalaýan we zyýansyzlandyrýan enjam goýulýar.

117. Önümçilik otaglary sanitariýa-durmuş maksatly, gulluk we administratiw binalardan aýratynlykda ýerleşmelidir. Önümçilik otaglarynda nahar iýmek gadagan edilýär.

118. Çig maly, taýyn önümi we gaplaýyş serişdelerini saklamak üçin niýetlenen jaýlarda, mikroklimatyň parametrleri önümiň hiline oňaýsyz täsirini ýetirmeli däldir.

119. PKÖ öndürmek üçin enjamlar:

1) ampulaly önüm öndürilende, zyýansyzlandyrmak şertlerini kepillendirmelidir;

2) tozanyň we hapanyň toplanmagynyň öňüni almak üçin, göwnejaý arassalanmagyna mümkinçilik berýän ýagdaýda bolmalydyr.

120. Ulanylýan enjamlaryň elementleri korroziýa, okislendirmä, aşgarlanma sezewar edilmeli däldir hem-de bularda işlenýän zolakdaky howa aralaşyp biljek ýa-da ýuwlup PKÖ-niň düzümine goşulyp biljek maddalar bolmaly däldir.

121. Otaglary gysylan howadan peýdalanmak arkaly arassalamak gadagan edilýär.

122. Otaglary we iş ýerlerindäki üstleri ýuwmak üçin organiki eredijileri ulanmaklyk gadagan edilýär. Tämizleme işleri üstki-işjeň maddalaryň suwly erginlerini ulanmak arkaly amala aşyrylmalydyr.

123. PKÖ öndürýän kärhanada çig malyň, kömekçi serişdeleriň we reaktiwleriň her bir görnüşi boýunça tassyklanan kadalaşdyryjy-tehniki resminama bolmalydyr.

124. Kärhana tarapyndan alynýan çig malyň, serişdeleriň, reaktiwleriň her bir tapgyry boýunça giriş gözegçiligi geçirilýär we şonda gabyň bitinligi, belliklenendigi hem-de bularyň hilini we howpsuzdygyny tassyklaýan resminamalaryň bardygy barlanýar.

125. Çig mal, serişdeler esasy önümçilikden aýrybaşgalanan ýörite otaglarda aýawly saklamagyň kadalaşdyrylan möhletleriniň dowamynda bularyň saklanyş düzgünlerini hem-de olaryň garyşdyrylmagynyň we hapalanmagynyň öňüni alýan şertleri berjaý etmek arkaly saklanýar.

126. Çig malyň, serişdeleriň we reaktiwleriň kemçilikli çykan tapgyryna bellik goýulmalydyr hem-de olaryň tötänlikde önümçilik prosesine goşulmagynyň öňüni almak üçin aýratyn ýerde saklanmalydyr.

127. Ammarlar işlenip çykarylýan önümiň, goşmaça serişdeleriň hem-de çig malyň sanawyna laýyk gelýän kuwwatlykda bolmalydyr. Önümleri ýerleşdirmegiň

ýagdaýy rejeli ýerleşdirmäge, arassalaýyş işlerini we beýleki zerur tehniki amallary geçirmäge mümkinçilik bermelidir. Taýyn önümler tekjeleriň üstünde we/ýa-da aşagynda goýulýan esbaplarda saklanmalydyr.

128. Çig maly kabul etmek we saklamak, kemçilikli çykan çig maly saklamak üçin hem-de sarp edijä ugradylýança, taýyn önümi saklamak üçin aýratyn jaýlaryň (ýa-da zolagyň) bolmagynyň göz öňünde tutulmagy hökmanydyr.

129. Ammarda zäherli we aňsat ot alýan maddalary saklamak üçin aýratyn jaýyň (zolagyň) bolmagy göz öňünde tutulmalydyr.

130. Önümçilikleriň zolagyna girýänleriň ählisi, şol sanda wagtlaýyn we hemişelik işgärler, kärhanada işlemeýän adamlar şahsy gigiýenanyň düzgünlerini berjaý etmelidir.

131. Önümçilik jaýlarynda ýörite egin-eşik geýilmegi hökmanydyr. Ýörite egin-eşigi öý egin-eşigi bilen saklamak gadagan edilýär.

132. Ýerlenýän önümiň howpsuzdygyny tassyklaýan resminamalar bar bolan halatynda, PKÖ we agyz boşlugynyň gigiýenasyna degişli serişdeleri (mundan beýläk- ABGDS) ýöriteleşdirilen söwda nokatlary ýa-da bölümler tarapyndan ýerlenýär.

133. Ammarlarda we ýerlenýän ýerlerde PKÖ we ABGDS saklananda we daşalanda önümiň hilini we howpsuzlygyny üpjün edýän şertler berjaý edilmelidir.

134. PKÖ we ABGDS azyk önümlerinden, gurluşyk we bezeg serişdelerinden, awtoulaglaryň ätiýaçlyk şaýlaryndan, ýangyçdan we çalgy ýaglaryndan aýratynlykda saklanýar we ýerlenýär.

135. PKÖ we ABGDS ulanmaga ýaramlylygy boýunça bellenilen möhletleriň dowamynda taýyn önümiň häsiýetleriniň saklanmagyny üpjün edýän sarp ediş gaby bar bolan halatynda ýerlenýär.

136.Ýaramlylyk möhletleri geçen, sarp ediş gabynda ýetmezçilikleri bolan we bellenilen saklanyş şertleriň bozulan PKÖ we ABGDS ýerlemek gadagan edilýär.

## X bap. Gonamçylyklara we jaýlanyş çäreleriniň geçirilýän desgalaryna bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

137. Gonamçylyklaryň şu aşakda görkezilen çäklerde ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär:

1) suw üpjünçilik we minerally suw çeşmeleriň birinji we ikinji guşaklygyndaky sanitariýa gorag zolaklarynda;

2) şypahanalaryň sanitariýa goragynyň zolagynda;

3) suw alan, süýşgünlere we opurylma sezewar bolýan, batgalyga öwrülen ýer böleklerinde;

4) suwa düşünmek we beýleki medeni-sagaldyş çäreleri üçin ulanylýan howdanlarynyň kenarlarynda;

5) otbaşy keseli boýunça oňaýsyz nokatlarda;

6) gamma-şöhlelenmegiň täsirli dozasynyň açyk ýerdäki dozasyndan sagatda 0,2 mikroziwertden ýokarlanan ýerlerinde.

138. Haýatyndan başlap hasaplanyňda, gonamçylyklar şeýle aralykda ýerleşdirilýär:

1) ilkinji ýaşaýyş jaýlaryna we jemgyýetçilik binalaryna, sport-sagaldyş we şypahana zolaklaryna çenli – azyndan 300 m;

2) suwuň gözbaşynyň degişli sanitariýa gorag zolaklarynyň guşaklyklary we filtrasiýanyň wagty boýunça hasaplamalar arkaly, aralygyň ýeterliklidigini tassyklamak arkaly, ilaty agyz suwy bilen üpjün edýän çeşmä çenli – azyndan 1000 m.

139. Gonamçylyklaryň ýaşalýan ýerleriň çäklerinde ýerleşen halatynda 20 gektardan uly bolan meýdany tutýan gonamçylygyň serhetinden ýaşaýyş jaýlaryna we binalaryna, umumy bilim, mekdebe çenli çagalar edaralaryna we bejeriş-öňüni alyş edaralaryna aralyk azyndan 500 metr, tutýan meýdany 20 gektardan az bolan gonamçylykdan bolsa-300 metr möçberinde alynýar. Gonamçylyk ýapylandan 25 ýyl geçenden soň ýaşaýyş jaýlaryna çenli aralyk, hökmany ýagdaýda gonamçylykdan daşarky töwerege bag ekmek şerti bilen, 100 metre çenli gysgaldylyp bilner.

140. Jaýlamak üçin umumy meýdan gonamçylygyň umumy meýdanynyň 65-70% barabar hasaba görä kesgitlenýär.

141. Gonamçylyk üçin ýer böleginiň ýerleşýän ýeri we onuň ölçegleri gonamçylyk ýapylandan soňra onuň çägini seýilgähiň ýa-da baglyk ýeriň guralmagy üçin ulanmagyň mümkindigini nazara almak arkaly, ilatly ýeriň meýilnamasy düzülende we gurmagyň taslamasynda göz öňünde tutulýar.

142. Matam býurosy, jaýlaýyş boýunça hyzmatlary amala aşyrýan guramalar ýaşaýyş jaýlaryndan we jemgyýetçilik binalaryndan azyndan 50 metrden az bolmadyk aralykda aýratyn gurlan binalarda ýerleşdirilmelidir.

143. Gonamçylygyň çäginde we jaýlaýyş hyzmatynyň amala aşyrylýan jaýlaryň girelgeleri zir-zibilleri ýygnamak üçin gapyrjaklar, zir-zibilleri toplamak üçin meýdançalar we bulara barýan geçelgeler bilen üpjün edilýär.

Zir-zibilleri toplamak üçin meýdançalaryň daşy aýmançaly we üsti gaty örtükli bolmalydyr.

144. Mazaryň düýbünden ýerasty suwlaryň derejesine çenli aralyk azyndan 0,5 m bolmalydyr.

145. Jaýlanan pursadyndan başlap ilkinji iki hepdäniň dowamynda ýa-da jaýlanan pursadyndan azyndan üç ýyl geçeninden soňra, şeýle hem çägeli toprakda jaýlanan pursadyndan azyndan bir ýyl geçeninden soň ýogalan adamlarda aýratyn howply ýokanç keselleriň (otbaşy, kongo-krym gemorragik gyzdyrmasy we beýlekiler) bolmadyk ýagdaýlarynda we sanitariýa-epidemiologiýa taýdan netijenamasy bar bolanda, jesediniň ýa-da onuň galyndylarynyň gaýtadan jaýlanylmagyna ýol berilýär.

146. Jeset çykarylan halatynda, guburlar zyýansyzlandyrylýar we toprak bilen gömülýär, guburlardan çykarylan jesediň galyndylary gapakly gapyrjaklara geçirilýär, tabyt gutujyga ýerleşdirilip, täze ýere geçirilýär. Adam jaýlananda ulanylan tabyda zelel ýeten bolsa (saklanmadyk halatynda), tabydyň galyndylary ýörite bellenilen ýerlerde ýakylýar.

147. Gaýtadan jaýlamak bilen meşgullanýan adamlar:

1) bürme we otbaşy kesellerine garşy sanjymlary alan bolmaly;

2) ýörite egin-eşik we ýörite aýakgap, özbaşdak gorag serişdeleri (rezin ädikler, rezin ellikler, respirator ýa-da agzyňy we burnuňy ýapmak üçin hasadan edilen daňy, kombinezon) bilen üpjün edilmelidir.

148. Öý şertlerde ýörite egin-eşik ýuwulmagyna we zyýansyzlandyrylmagyna ýol berilmeýär, gonamçylykda ulanylýan gurallar bolsa, gonamçylygyň çäginden çykarylmaly däldir.

149. Jesedi gabyrdan çykarmak (eksgumasiýa) işleri tamamlanandan soň, ýörite egin-eşik we aýakgap bellenilen ýerlerde arassalanýar we zyýansyzlandyrylýar ýa-da ýakylmalydyr. Şeýle hem, hasadan edilen daňylar ýakylmalydyr.

150. Gabyrdan çykarylan jesetler daşalandan soň, ulaglar zyýansyzlandyrylmaga degişlidir.

151. Näbelli etiologiýaly ýokanç kesellerden we aýratyn howply ýokanç keseller sebäpli ýogalan adamlar sinklenen, jebis galaýylanan tabytlarda jaýlanylmalydyr.

152. Gonamçylyklar we guburlar göçürlende, ýer bölekleriň rekultiwasiýasy geçirilmelidir. Ozal adamlaryň jaýlanan ýerlerinden alnan topragyň ýaşalýan ýerleri tekizlemek üçin ulanylmagyna ýol berilmeýär.

153. Gurluşyk işleri geçirilen mahalynda, ozal adam jaýlanandygy näbelli bolan ýerler ýüze çykarylanda, jesetleriň galyndylary gaýtadan jaýlanmalydyr we şol ýer böleklerinde rekultiwasiýa geçirilmelidir.

154. Gonamçylygyň göçürlen pursadyndan ýigrimi ýyl geçenden soň, gonamçylyklaryň çäklerinden peýdalanylmagyna ygtyýar berilýär. Beýle ýagdaýlarda bu ýer bölekleri diňe, gök ösümlikleri ekmek üçin ulanylýar.

## XI bap. Jemgyýetçilik hajathanalaryna bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

155. Şäherlerde, şypahanaly ýerlerde, etrap merkezlerinde we beýleki ilatly nokatlarda jemgyýetçilik hajathanalary gurnalmalydyr.

156. Hajathanalar aýratyn ýerleşen özbaşdak desgalar we jemgyýetçilik binalaryň ýa-da beýleki şäher desgalaryna ýanaşdyrylyp gurlan (gapdalyndan salnan) desgalar hökmünde ýerleşdirilýär.

157. Hajathanalar şu aşakda görkezilen ýerlerde gurnalýar:

1) bar bolan menzilleriň (wokzallaryň) ähli görnüşleriniň meýdançalarynda;

2) ilatyň has köp gelim-gidimli meýdançalarynda we köçelerde;

3) köpçülikleýin (sport, medeni-dynç alyş çäreleriniň we beýlekileriň) geçirilýän ýerlerinde;

4) ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerlerinde (plýažlarda, seýilgählerde, tokaýly zolaklarda, bulwarlarda we beýleki ýerlerde);

5) söwda merkezleriniň, bazarlaryň, ýarmarkalaryň, sergi guralýan ýerleriň çäklerinde;

6) desgalaryň gurulýan döwründe gurluşyk meýdançalarynda;

7) gonamçylykda;

8) awtoulaglara ýangyç guýulýan beketlerinde;

9) ýollarda (ulag ýollarynda);

10) beýleki ilatyň köpüçilikleýin barýan ýerlerinde.

158. Jemgyýetçilik hajathanalarynyň ýaşaýyş jaýlarynda gurnalmagyna ýol berilmeýär.

159. Plýažlaryň çäginde hajathanalar 75 sany adama bir orun hasabynda gurnalýar, jemgyýetçilik hajathanalaryndan suwa düşülýän ýerlere çenli aralyk azyndan 50 m bolmalydyr we 200 m aňry geçmeli däldir.

Bazarlarda hajathanalar her 50 söwda orny üçin bir ýerden az bolmadyk hasap bilen gurnalmalydyr.

Seýilgählerde hajathanalar dynç alýanlaryň köpçülikleýin ýygnanýan ýerlerinden azyndan 50 m daşlykda, her 500 adam üçin bir orun göz öňünde tutulyp ýerleşdirilmelidir.

160. Mobil göçme hajathanalardan diňe köpçülikleýin çäreler geçirlende peýdalanylmagyna ygtyýar berilýär.

161. Hajathanalaryň ýerleşýän ýerleri we olara eltýän geçelgeler gündizine we gijesine görünýän ýörite bellikler arkaly görkezilýär.

162. Diwarlaryň içki timarlanmasy, poly üçin, ýuwujy we dezinfisirleýän serişdelere çydamly serişdeler ulanylýar. Hajathananyň poly taýdyrmaýan, suw geçirmeýän we lagym traplaryna tarap eňňitli görnüşde bolmalydyr.

163. Hajathana, sanitariýa abzallary tehniki taýdan gurat ýagdaýda saklanmalydyr. Abatlaýyş işleri 1 (bir) ýylyň dowamynda 1 (bir) gezekden az bolmadyk şertinde amala aşyrylmalydyr.

164. Hajathanalar jemgyýetçilik binalarynda ýerleşdirilen halatynda, howany sorup çykarýan şemalladylma ulgamy gurnalýar, ýöne bu ulgam esasy binanyň şemalladylma ulgamy bilen baglanyşdyrylmaly däldir. Howany çykarýan ulgam howanyň azyndan bäş gezek çalşyrylmagyny üpjün etmelidir, howany içeri sorýan ulgam howany azyndan 2,5 gezek çalşyrmalydyr.

165. Lagym ulgamyna birleşdirilen hajathanalarda aşakda görkezilen otaglar göz öňünde tutulmalydyr:

1) özbaşdak we gapysy beklenýän kabinalar üçin otag, erkekler üçin bölümde – pissuarlar üçin otag;

2) el-ýüz ýuwarlar oturdylan şlýuzlar;

3) syryp-süpürmek üçin öwseleleriň, ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleriň saklanýan otagy.

166. Hajathanalar tämiz saklanýar, olar her günde we hapalanyşynyň derejesine görä arassalanmalydyr.

167. Lagym ulgamy bolmadyk ýerlerde hajathanalar suw geçmeýän çukurly görnüşde gurnalýar.

168. Lagym ulgamyna birikdirilmedik hajathanalar we suwuk hapalar üçin çukurlar Türkmenistanyň çäginde ulanmak üçin rugsat berlen serişdelerden peýdalanmak arkaly, on günde 1 (bir) gezek zyýansyzlandyrylýar.

Suwuk hapalar üçin çukurlar, septikler göwrüminiň ikiden üç böleginden geçmeýän derejede dolanda gijikdirilmän arassalanýar we zyýansyzlandyrylýar. Lokal arassalaýjy gurluşlar öndürijiniň tehniki resminamasyna laýyklykda gurnalýar.

169. Mobil hajathanalar ulanylanda, nejasatlary himiki taýdan dargatmak hem-de ýakymsyz ysyň emele gelmegine we ýaýramagyna ýol bermezlik üçin, baklar öndüriji zawodlar tarapyndan maslahat berlen ýörite reagentlerden peýdalanmak arkaly arassalanmalydyr.

Mobil hajathanalardan galyndylary aýyrmak we olary dökülýän ýere äkitmek üçin, wakuumly hem-de hajathanany ýuwmak we arassalamak üçin niýetlenen arassa suw guýlan gaplar bilen goşmaça üpjün edilen ýöriteleşdirilen awtoulag ulanylýar.

170. Tomsuna mör-möjekler aralaşmaz ýaly, hajathanalaryň otaglaryndaky penjirelere torlar tutulýar.

171. Hajathanalar sabyn, elektro süpürgiçler ýa-da kagyz süpürgiçler, hajathana kagyzy bilen üpjün edilýär. Kabinalarda üstki egin-eşik üçin ildirgiçler, hapa taşlanýan gapyrjaklar goýulmalydyr.

## XII bap. Ilatyň köpçülikleýin dynç alynýan ýerlerine bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplary

172. Seýilgählerde gapyrjaklar 800 inedördül metre barabar meýdana azyndan bir urna düşer ýaly edilip goýulýar. Seýilgähleriň esasy alleýalaryndaky hem-de plýažlaryň çäklerindäki gapyrjaklaryň arasyndaky aralygyň 40 metre barabar bolmalydygy göz öňünde tutulmalydyr.

Gapyrjaklar bölek- söwda we jemgyýetçilik iýmitine degişli desgalaryň ýanynda goýulýar.

Urnany tämiz ýagdaýda saklamak işi zir-zibilleri aýyrmakdan, hapany aýyrmakdan, ýuwmakdan, reňklemekden ybaratdyr. Gapyrjaklar doluşyna görä arassalanýar.

173. Esasy tämizleme işleri seýilgäh ýapylandan soňra amala aşyrylýar. Gündizine gündelik arassaçylyk, ýaş ösümlikleri suwarmak, galyndylary we ýere dökülen ýapraklary ýygnap aýyrmak işleri amala aşyrylýar.

174. Dynç almak we plýaž zibillerden arassalanýar hem-de portlardan, şlýuzlardan, gidroelektrik stansiýalardan, akdyrylýan hapa suwlaryň inýän ýerlerinden, öri meýdanlardan we mallaryň suwa ýakylýan ýerlerinden we hapalaýjy beýleki çeşmelerden daşlaşdyrylýar ýa-da hapalaýjy çeşmelerden azyndan 500 metr daş aralykda, şeýle hem senagat kärhanalarynyň sanitariýa-gorag zolaklarynyň çäginiň daşynda we daşky gurşawy hapalaýan çeşmeleriň we galmagalyň çeşmesiniň ýele tarapynda ýerleşýär.

Plýažlaryň we hojalyk-agyz suwy çeşmeleriniň sanitariýa gorag zolagynyň birinji guşaklygynyň çäklerinde ýerleşdirilmegine ygtyýar berilmeýär.

Plýažda gowy günüň şöhle saçýan meýdançalary bolmalydyr, plýažlaryň toýunsow ýerlerde gurnalmagyna ýol berilmeýär.

175. Plýažyň çäginde kölegeli telärler gurnalýar, agaç krowatlar we oturgyçlar, şezlonglar (ýeňiljek kürsüler) goýulýar, kölegeli bassyrmalar ýa-da saýawanlar gurnalýar we zir-zibiller üçin gapyrjaklar ýerleşdirilýär.

Egin-eşik çykarmak üçin umumy ýa-da özbaşdak kabinalar goýulýar, hasaplama boýunça bir kabina 50 sany adamyň egin-eşigini çalşyrmagy üçin niýetlenýär.

Plýažyň çäginde bölek-söwda, jemgyýetçilik iýmiti we hyzmatlary (katamaranlary, suwda oýnalýan oýnawaçlary we beýlekileri kireýine bermek) hödürlemek boýunça desgalary ýerleşdirilip bilner.

176. Her gün plýaž ýapylandan soň, kenary, egin-eşik çalşyrylýan ýerleri, duşly kabinalary, ýaşyl zolagy, hajathanalary tämizlemek we zyýansyzlandyrmak işleri amala aşyrylýar. Gapyrjaklar zir-zibilden doluşyna görä arassalanýar. Arassalaýyş işler günüň dowamynda berjaý edilýär. Ýygnalan galyndylar gijikdirilmän çetleşdirilýär.

177. Çägeli plýažlarda her hepdede bir gezek çägäniň ýokary gatlagy mehanizmleşdirilen görnüşde ýumşadylýar we ýygnalan galyndylar aýrylýar. Ýumşadylandan soňra, çäge düzlenýär. Plýažlara çäge ýa-da jyglym daş her ýylda sepilmelidir.

178. Plýažlarda geýim-gejimiň ýuwulmagyna ýa-da haýwanlaryň suwa düşürilmegine ýol berilmeýär.

179. Gaty hojalyk galyndylaryny ýygnamak üçin konteýnerler plýažlardan we ilatyň dynç alynýan köpçülikleýin ýerlerinden (tans meýdançalaryndan, estradadan, suw çüwdürimlerinden, esasy alleýalardan, tomaşa üçin pawilýonlardan) azyndan 50 m daş aralykda ýerleşdirilmelidir.

180. Suwa düşülýän möwsüm başlanmagynyň öňüsyrasynda hem-de gündelik döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gözegçiliginiň çäginde, howdanlaryň suwlarynyň we plýažlaryň çägesiniň kadalaşdyryjy-tehniki resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändigine barlaghana barlaglary geçirilýär.

Jemagat-durmuş maksatly desgalar
üçin Sanitariýa-epidemiologiýa
kadalaryna 1-nji goşundy

## Myhmanhanadaky otaglary emeli yşyklandyryş arkaly ýagtylandyrmagyň pes ölçegleri

| t/b | Otaglaryň ady | Aşakda görkezilen çyralar arkaly yşyklandyrmagyň iň pes derejesi (lýukslarda) | | Kada degişli üstler |
|---|---|---|---|---|
| | | gyzdyryjy çyralar | lýuminessent çyralar | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Ýaşalýan otaglar | 30 | 75 | Poldan 0,8 m beýiklikde |
| 2 | Westibýul | 50 | 100 | Pol |
| 3 | Umumy myhman jaýlar, hollar, barlar, kafeler, garbanyşhanalar we beýlekiler | 75 | 150 | Pol |
| 4 | Hyzmat ediş merkezler, administratiw otaglar, ýaşaýanlara hyzmat edilýän jaýlar | 75 | 200 | Poldan 0,8 m beýiklikde |
| 5 | Esasy basgançaklar, umumy koridorlar, geýim-gejimleri üçin esasy jaý, ussahanalar, ütük edilýän otaglar | 30 | 100 | Pol |
| 6 | Umumy sanitariýa düwünler, otaglardaky sanitariýa düwünler | 30 | 75 | Pol |
| 7 | Umumy duşlar | 50 | - | Pol |
| 8 | Hyzmat edýän işgärleriň otaglary | 75 | 150 | Poldan 0,8 m beýiklikde |
| 9 | Ammarlar | 20 | - | Poldan 0,8 m beýiklikde |
| 10 | Tehniki otaglar | 30 | - | Pol |

Jemagat-durmuş maksatly desgalar
üçin Sanitariýa-epidemiologiýa
kadalaryna 2-nji goşundy

## Umumy ýaşaýyş jaýlarynyň otaglarynda howanyň we howa çalşygynyň göwrüminiň hasaplama görkezijileri

| t/b | Otaglar | Ýylyň sowuk döwründe howanyň temperaturasynyň ýol berilýän derejesi, °C şkalasy boýunça pes bolmaly däl derejesi | Howanyň çalşygynyň gezekleri | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Akyp gelýän | Çykýan |
| 1 | Umumy ýaşaýyş jaýyndaky ýaşalýan otag | 18 | 1 $m^2$-da 3 $m^3$/sagat az bolmaly däl | - |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 2 | Umumy ýaşaýyş jaýyndaky elektrik we gaz plitaly aşhana | 16<br><br>16 | -<br>- | 60 $m^3$/sag az bolmaly däl<br>2 konforkaly plitalar bolanda 60 $m^3$/sag-dan; 3 konforkaly plitalar bolanda 75 $m^3$/sag; 4 konforkaly plitalar bolanda 90 $m^3$/sag-dan az bolmaly däl. |
| 3 | Nowalarly otag | 22 | - | 25 $m^3$/sag |
| 4 | Hajathana | 18 | - | 25 $m^3$/sag |
| 5 | Umumy görnüşde ulanylýan sanitariýa düwün | 18 | - | 1 unitaza 50 $m^3$/sag<br>1 pissuara 25 $m^3$/sag |
| 6 | Duş otagy | 22 | - | 5 gezek |
| 7 | Egin-eşigi arassalamak we ütüklemek üçin garderobly otag | 18 | - | 1,5 gezek |
| 8 | Umumy ýaşaýyş jaýyndaky westibýul, umumy koridor, basgançakly meýdança | 16 | - | - |
| 9 | Geýim-gejim ýuwulýan otag | 15 | 5 gezek | 5 gezek |
| 10 | Umumy ýaşaýyş jaýyndaky egin-eşik ütüklenýän, guradylýan otag | 15 | hasaplama boýunça, ýöne azyndan 3 gezek | 3 gezek |
| 11 | Umumy ýaşaýyş jaýyndaky hojalyk we geýim-gejimleri üçin otaglar | 12 | - | 1,5 gezek |
| 12 | Zibil ýygnalýan kamera | 5 | - | 1 gezek (jaýyň diwaryndaky hapa taşlanýan turbaly deşik arkaly) |
| 13 | Trenažýor zaly | 16 | 3 gezek | 3 gezek |
| 14 | Kitaphana | 18 | - | 0,5 gezek |

Jemagat-durmuş maksatly desgalar
üçin Sanitariýa-epidemiologiýa
kadalaryna 3-nji goşundy

**Ilata kosmetika we dellekhana hyzmatlaryny etmek boýunça desgalaryň otaglarynyň meýdanlary**

| t/b | Otaglaryň ady | 1 iş ornunyň meýdany, $m^2$ | Bellik |
|---|---|---|---|
| 1 | Müşderiler üçin jaýlar:<br>1) garaşylýan zal<br>2) müşderiler üçin garderob | 3,0 - 10 iş orunlaryna çenli<br>1,5 dan indiki orunlaryň hersine 0,3 | Garaşylýan zalyň we garderobyň meýdany 6 $m^2$-den az bolmaly däl |
| 2 | Dellekhana hyzmatlary boýunça zallardaky dellekçi ussanyň uniwersal iş orny | 7,0 | Profiline garamazdan, dellekhanadaky 1 iş ornuna 15,0 $m^2$–dan az bolmaly däl |
| 3 | Kosmetika iş otagy (kabinet) | Her iş orny üçin -8,0 $m^2$, ýöne umumy otagyň meýdany 12,0 $m^2$-den az bolmaly däl | |
| 4 | Manikýur iş otagy | 6,0 | Zenanlar üçin zalda manikýur stol goýlanda – goşmaça 6,0 $m^2$ |
| 5 | Pedikýur iş otagy | 8,0 | |
| 6 | Kosmetologiýa iş otagy | Her iş orny üçin -8,0 $m^2$, ýöne umumy otagyň meýdany -12,0 $m^2$-den az bolmaly däl | |
| 7 | Owkalama iş otagy | 9,0 | |
| 8 | Saç gyrkmak işlerini geçirmek üçin jaý | 8,0 | her iş ornuna goşmaça 4,0 $m^2$ |
| 9 | Geýim-gejim ýuwulýan ýer | ýuwujy maşynyň kysymyna görä, 9,0-dan | geýim-gejimleri merkezleşdirilen usul boýunça ýuwlanda göz öňünde tutulmaýar |
| 10 | Dynç almak we nahar edinmek üçin otag | 6,0 | |
| 11 | Kömekçi jaýlar:<br>1) geýim-gejimleri üçin ammarlar;<br>2) syryp-süpürmek üçin öwseleleri we gyrkylan saçlary saklamak üçin otaglar | 6,0<br>2,0 | |
| 12 | Parfýumeriýa-kosmetika, zyýansyzlandyryjy, ýuwujy serişdeleri saklamak üçin jaýlar | 4,0 | |
| 13 | Medisina galyndylaryny wagtlaýyn saklamak üçin jaýlar | 4,0 | |
| 14 | Zyýansyzlandyrma geçirilýän otag | 8,0 | |
| 15 | Garderobly otaglar | 1 iş orny üçin 0,3 $m^2$ | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda 1270 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.